# Gyz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gyz GYZ



Bir bakyp maña gara, göz uçdan janana gyz.
Aýlanyp ýüz öwürip kyldy ýüregi gana gyz.
Günde müñ dert okyny, atdy hezin
janymga,
Birine eýlemedi lebinden dermany
gyz.

Ýüzüne perde tutup, bir şemgi syrajy dek,
Ýüz tümen zuhd ilini, aýlär sergerdany gyz.

Zalymu jellat hunhor, ererken bi şepagat,
Ýaryn agýür alnynda kyladyr ýegsana gyz.

Yşgynda ahym ody, uçgindyr, aý eýlegil,
Kim diýgeý bu şerary, gözleri çulpany gyz.

Bi pelek hany üzre, kylma guman «Ahtary»diýp,
Sydky janyñ dolugdyr lagl-le merjeni gyz.

Kaf-u Nun gözi, lebiñ elif üstün, meddi gaşyñ,
Ýüzi başdan perdeli, aýagy Kurany gyz.

Jennet ryzwandyr köýüñ, işigiñ Käbe yşygy,
Hüýrleri hyzmatyna gul eýlär çendany gyz.

Wasyly gülzar içre nalaýy bilbil
Meşreb,
Şükrany Handa eýle, toty hindistany
gyz.

Babarahym MEŞREP. (1640-1711)

Golýazmadan göçüren Aşyr Salyh ogly. Goşgular